**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2016-njy ýylyň 20-nji awgustyndaky 272-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2016-njy ýylyň 5-nji sentýabrynda 1013 san bilen bellige alyndy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2012-nji ýylyň 12-nji martynda 635 san bilen bellige alnan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2012-nji ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 19-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2012-nji ýylyň 12-nji martynda 635 san bilen bellige alnan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2012-nji ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 19-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine şu aşakdaky üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli:

6-njy bölümi şu mazmunda beýan etmeli:

«6. Ygtyýarly karz edaralarynda, olaryň şahamçalarynda we beýleki düzüm birliklerinde alyş-çalyş nokatlarynyň üsti bilen ýuridik şahslaryň we ýuridik şahsy döretmezden telekeçileriň (dahyllylaryň we dahylsyzlaryň) öz adyndan we tabşyrygy boýunça nagt we nagt däl görnüşde daşary ýurt pulundaky alyş-çalyş amallaryny amala aşyrmaklyga ýol berilmeýär.»;

42-nji bölümini şu mazmunda beýan etmeli:

«42. Daşary ýurt pullaryny satyn almagy-satmagy amala aşyranlarynda ygtyýarly karz edaralar ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlary şu aşakdaky görnüşlerde hasaplaşyp bilýärler:

a) fiziki şahsdan bir nagt puly satyn alnan pul birligi hökmünde alyş-çalyş nokadyň pulhanasyna kabul edip, alyş-çalyş nokadyň pulhanasyndan beýleki bir nagt puly satylan pul birligi hökmünde fiziki şahsa bermäge;

b) fiziki şahsdan bir nagt puly satyn alnan pul birligi hökmünde pulhana kabul edip, açyk gysga pul ýagdaýyndan beýleki bir nagt däl puly satylan pul birligi hökmünde fiziki şahsyň hasabyna geçirmäge;

ç) fiziki şahsyň hasabyndan bir nagt däl puly satyn alnan pul birligi hökmünde açyk uzyn pul ýagdaýyna geçirip, pulhanadan beýleki bir nagt puly satylan pul hökmünde fiziki şahsa bermäge;

Şunda, şu bölümiň «a» we «ç» kiçi bentlerine laýyklykda, milli pula daşary ýurt puly satylmaýar.

d) fiziki şahsyň hasabyndan bir nagt däl puly satyn alnan pul birligi hökmünde açyk uzyn pul ýagdaýyna geçirip, açyk gysga pul ýagdaýyndan beýleki bir nagt däl puly satylan pul birligi hökmünde fiziki şahsyň hasabyna geçirmäge.

Şunda, şu bölümiň «b» we «d» kiçi bentlerine laýyklykda, nagt we nagt däl milli pula nagt däl daşary ýurt puly (şol sanda alyş-çalyş amallary awtomatiki usulda amala aşyrýan milli ýa-da halkara töleg ulgamlarynyň üsti bilen) satylanda, şol bir amal üçin nagt we nagt däl milli pul - gelip çykyşy we möçberi boýunça, nagt däl daşary ýurt pul bolsa - möçberi boýunça çäklendirilýär, şol sanda:

nagt we nagt däl milli pula fiziki şahsa satylýan nagt däl daşary ýurt pulunyň möçberi bir aýyň dowamynda ABŞ-nyň 1000 (bir müň) dollary bilen çäklendirilýär hem-de nobatdaky aýda peýdalanylmadyk hukuk indiki aýlara geçmeýär, bir ýylyň dowamynda bolsa - bu ululygyň şol ýylda hukukdan peýdalanylyp geçirilen aýlaryň sanyna barabar essesi bilen çäklendirilýär (mundan beýläk, aýralykda – bir aýyň ýa-da bir

ýylyň Çäklendirmesi, bilelikde - Çäklendirmeler). Çäklendirmeler şu Düzgünleriň 6-njy Goşundysyndaky tehniki tertibe görä berjaý edilýär. Bu tehniki tertibe görä Çäklendirmeleri berjaý edip bilmedik ygtyýarly karz edaralara ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlaryna şu bölümiň «b» we «d» kiçi bentlerine laýyklykda nagt we nagt däl milli pula fiziki şahslara nagt däl daşary ýurt puluny satmak gadagan edilýär.

Nagt we nagt däl milli pula nagt däl daşary ýurt pulunyň fiziki şahsa satylmagy, şu Düzgünleriň 7-nji Goşundysyndaky umumylaşdyrylan sanaw boýunça girdeji, öwezini doluş pul ýa-da hususy emlägiň ýerlenmeginden alnan pul hökmünde fiziki şahsyň bank hasabyna (goýumyna) ýuridiki şahsdan ýa-da hususy telekeçiden nagt däl görnüşinde geçirilen milli pullaryň we/ýa-da kanuny gelip çykyşy degişli resminamalar bilen tassyklanylýan nagt milli pullaryň çäklerinde amala aşyrylýar:

- zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin alnan hak we ondan tutulýan tutumlar barada maglumatlary baradaky iş berijiniň kepilnamasy (döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk edara-kärhanalaryň, şahsy tarap bolan hususy telekeçileriň we beýleki şahsy taraplaryň işgärleri üçin goşmaça degişli aýda hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň tölenendigi baradaky bellik bilen pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň kitapçasynyň göçürmesi. Göçürme degişli bank işgäri tarapyndan kitapçanyň asyl nusgasy bilen deňeşdirilip barlanmaly);

- mellek ýerlerinde we şahsy kömekçi hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilen oba hojalyk önümleri haryt we olaryň gaýtadan işlenen görnüşinde ýerlemekden alnan girdejileri, şol sanda mallary, tut ýüpek gurçuklaryny we ş.m. ösdürip ýetişdirmek we baga bakmak boýunça hyzmatlary etmekden gelen girdejileri barada ýüzlenilýän aýyň öň ýanyndaky hasabat döwri üçin salgyt gullugy edarasynyň tassyklaýjy resminamasy, şeýle hem salgyt hasabyna alnandygy baradaky salgyt gullugynyň tassyklaýjy resminamasy;

- şahsy tarap bolan hususy telekeçiler, şeýle hem beýleki şahsy taraplar (hünär hyzmatlaryny amala aşyrýanlar) üçin salgyt gullugy edarasyndan alan girdejisi we şol girdejiler boýunça döwlet býujetine bergisiniň ýokdugy barada ýüzlenilýän aýyň öň ýanyndaky hasabat döwri üçin kepilnama;

- fiziki şahsyň pensiýa şahadatnamasynyň we/ýa-da döwlet kömek puly şahadatnamasynyň göçürmesi.

Şunuň bilen birlikde, fiziki şahsyň bank hasabyna (goýumyna) ssuda, zaýom, bank ýa-da sarp ediş karz, şeýle hem maliýe kömek ýa-da grant hökmünde nagt däl görnüşinde geçirilen milli pullara ýa-da islendik möçberdäki nagt görnüşde tabşyrylan kanuny gelip çykyşy degişli resminamalar bilen tassyklanylmadyk milli pullara daşary ýurt puly satylmaýar. Ygtyýarly karz edaralar şu bentlerdäki kadalary berjaý etmek üçin, bank hasabyna (goýumyna) hyzmat etmek barada fiziki şahs bilen baglaşýan şertnamasy bilen gelip çykyşy ýa-da möçberi sebäpli daşary ýurt puly satylmaýan milli pullaryň ol hasaba (goýuma) nagt däl görnüşde geçirilmegini ýa-da nagt görnüşde tabşyrylmagyny çäklendirip bilerler.

Şu bölümiň maksatlary üçin:

ABŞ-nyň dollarynyň beýleki daşary ýurt pulundaky ekwiwalendi amalyň geçirilýän senesine bellenen puluň resmi hümmeti boýunça kesgitlenilýär;

nagt milli pula nagt däl daşary ýurt puly ýüzlenilýän aýyň öň ýanyndaky aýda alnan ýa-da ýüzlenilýän aýda alnan puluň kanuny gelip çykyşyny tassyklaýan resminamada görkezilen möçberiň çäklerinde, ýöne her aýda ABŞ-nyň 1000 (bir müň) dollaryna çenli satylýar;

fiziki şahslara:

şahsy tarap bolan hususy telekeçilere, şeýle hem beýleki şahsy taraplara (hünär hyzmatlaryny amala aşyrýanlar) telekeçilik işini amala aşyrmaklary bilen baglanyşykly bolmadyk maksat bilen nagt milli pula nagt däl daşary ýurt puly ýüzlenilýän aýyň öň ýanyndaky hasabat döwri üçin salgyt gullugy edarasyndan alan girdejisi we şol girdejiler boýunça döwlet býujetine bergisiniň ýokdugy barada kepilnamasynda görkezilen möçberiň çäklerinde, ýöne her aýda ABŞ-nyň 1000 (bir müň) dollaryna çenli satylýar.»;

6-njy we 7-nji Goşundylary şu mazmunda beýan etmeli:

«Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin

nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen
alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine
6-njy Goşundy

**Çäklendirmeleri berjaý etmek boýunça tehniki tertip**

Şu tehniki tertip boýunça ygtyýarly karz edaralar ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlary milli pula Çäklendirmelerden ýokary geçmeýän daşary ýurt puluny satyn almaga isleg bildirýän fiziki şahslaryň ýüzlenmelerine seredýärler.

1. Milli pula fiziki şahslara Çäklendirmelerden ýokary geçmeýän daşary ýurt puluny satmak boýunça amallar ygtyýarly karz edaralar ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlary tarapyndan elektron maglumat göterijilerindäki ýeke-täk sanawda (mundan beýläk – ýeke-täk sanaw), awtomatizirlenen maglumatlar ulgamyny ulanmak arkaly merkezleşdirilen tertipde hasaba alynýar.

Ýeke-täk sanawyň saklaýjysy Türkmenistanyň Merkezi banky bolup durýar.

2. Türkmenistanyň Merkezi banky ygtyýarly karz edaralaryna ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlaryna, şeýle hem beýleki gyzyklanan pula gözegçilik edýän edaralara we agentlere hakyky wagt birliginde (on-line) giriş pursatyna hereket edýän (aktual) elektron maglumatlar binýady görnüşindäki ýeke-täk sanawa goragly (howpsuz) derhal elýeterliligi üpjün edýär. Aýratyn ýagdaýlarda, haçanda hakyky wagt birliginde elýeterliligi üpjün etmek üçin tehniki mümkinçilikleriň bolmadyk halatynda, bir iş gününiň dowamynda - bir gezekden az bolmadyk yzygiderlilikde maglumatlar bilen alyş-çalyş bukjalaýyn tertipde (off-line) amala aşyrylyp bilner.

3. Milli pula bir aýyň Çäklendirmesinden ýokary geçmeýän daşary ýurt puluny satyn almaga isleg bildirýän islendik fiziki şahsyň ýüzlenmesini kanagatlandyrmak üçin, ygtyýarly karz edaralar ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlary ilki bilen ýeke-täk sanawdaky maglumatlar boýunça ol fiziki şahsyň ýüzlenen senesindäki aýyň we ýylyň dowamynda milli pula satyn alan daşary ýurt pullarynyň möçberlerini anyklaýarlar. Şunda, ýüzlenilýän senedäki aý üçin anyklanan möçberiň bir aýyň Çäklendirmesinden, şeýle-de ýyl üçin anyklanan möçberiň bir ýylyň Çäklendirmesinden ýokary geçmedik ýagdaýynda, alyş-çalyş amalyny ýeke-täk sanawda hasaba almak bilen fiziki şahsyň ýüzlenmesi kanagatlandyrylýar.

4. Milli pula Çäklendirmelerden ýokary geçýän daşary ýurt puluny satyn almaga isleg bildirýän fiziki şahslaryň ýüzlenmeleri şu tehniki tertip boýunça kanagatlandyrylmaýar.

Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin
nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen
alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine
7-nji Goşundy

Fiziki şahsyň bank hasabyna (goýumyna)ýuridiki şahsdan ýa-da hususy telekeçiden nagt däl görnüşinde geçirilýän milli pullara ygtyýarly karz edarasy tarapyndan daşary ýurt puly satylýan girdejileriň, öwezini doluş pullaryň hem-de hususy emlägiň ýerlenmeginden alnan pullaryň umumylaşdyrylan sanawy

**I. Girdejiler, şol sanda:**

zähmet ylalaşygy (şertnamasy) we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin alnan hak, şeýle hem dolandyryjylaryň galam haklary we edara görnüşli tarapyň dolandyryjylar geňeşiniň agzasy hökmünde alynýan beýleki şoňa meňzeş haklar;

harby gullugy geçýän harby gullukçylaryň alýan pul üpjünçiligi;
pensiýalar, hemaýat pullary, talyp haklary, alimentler we ş.m. tölegler;
tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly berilýän kömek pullary;
gan tabşyrýandygy (donor kömegi) üçin tölenilýän hak;
awtorlyk hukugyny peýdalanmakdan we hukugy peýdalanmaga bermekden, şeýle hem şahadatnamalary, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) prosessi ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlary bermekden alnan hak;
Türkmenistanyň çäginde ekerançylygyň ýa-da maldarçylygyň netijesinde alnan islendik oba hojalyk önümleriniň (şol sanda gülçülik we bal arysyny saklamak) tebigy ýa-da gaýtadan işlenen görnüşleri, şeýle-de Türkmenistanyň çäginde ösdürilip ýetişdirilen ýa-da ýabany ösýän miweleriň, hozlaryň, kömelekleriň, tohumlaryň, derman ösümlikleriň, aw önümleriň, balyklaryň tebigy ýa-da gaýtadan işlenen görnüşleri üçin geçirilýän girdejiler;
Türkmenistanyň çäklerindäki emlägi kärendesine bermekden we olary beýleki bir görnüşde ulanmakdan alnan girdejiler;
sungat işgäri, sirkiň, teatryň, kinonyň, radionyň, telewideniýäniň artisti ýa-da sazandasy, şeýle hem türgen hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde işläp gazanylan girdejiler, hatda bu girdejiler başga birine hasaplanyp ýazylan hem bolsa;
bank hasaplary (goýumlary) boýunça göterimler;
ýuridik şahslara paýly gatnaşmakdan alynýan düşewüntler;
islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler;
ätiýaçlandyryş ýagdaýy dörändäki ätiýaçlandyryş tölegleri;
pul görnüşinde alnan utuşlar, baýraklar, sowgatlar we sylaglar.

II. Öwezini doluş pullar, şol sanda:
ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini doluş pullar;
zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly çykdajylaryň öwezini doluş pullar;
iş saparyna hakujy, iş saparynyň çykdajylary ýa-da meýdan haklary;
başga ýere işe geçmek bilen bagly çykdajylaryň öwezini doluş pullar;
zähmet rugsady üçin ýa-da ulanylmadyk rugsadyň öwezini doluş tölegleri;
işden çykmak bilen bagly öwezini doluş pullar.

III. Hususy emlägi ýerlemekden alnan pullar, şol sanda:
gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emläginiň bahasy.».

2. Ygtyýarly karz edaralar ýa-da olaryň alyş-çalyş nokatlary:
- şahsy tarapyň halkara plastik kart hasabyndaky daşary ýurt pulundaky serişdelerini başga birine ulandyrmazlygy üçin, kart hasabyndaky serişdelerini daşary ýurt pulunda ulanan şahsy taraplaryň şol senelerde daşary ýurtda bolandygyny onuň pasportyndaky degişli edaralaryň bellikleri bilen deňeşdirmeli. Şunda, plastik kart hasabyndaky daşary ýurt pulundaky serişdelerini başga birine ulandyran ýagdaýy ýüze çyksa, şol şahsa mundan beýläk daşary ýurt puluny satmazlygy üpjün etmeli;
- bir maşgalanyň agzalarynyň öz aralarynda pul serişdelerini, şol sanda daşary ýurt pulundaky serişdelerini bank hasaplary arkaly erkin geçirip bilmeklerine şert döretmeli;
- şahsy taraplaryň halkara plastik kartlarynyň üsti bilen internet söwdasyndan şahsy maksatlara peýdalanmagy üçin şert döretmeli;
- bir maşgalanyň agzalarynyň serişdelerini jemläp, telekeçilik maksatlaryna ulanylmagyna ýol bermeli

däl;

- SWIFT töleg ulgamynyň ýa-da hasap açmazdan töleg geçirilýän halkara (WesternUnion, MoneyGram) töleg ulgamlarynyň üsti bilen her aýda 1000 (bir müň) amerikan dollaryna çenli möçberde manat serişdelerini alyp daşary ýurt pul serişdeleriniň şahsy tarapyň özüne ýa-da onuň maşgala agzalarynyň birine geçirilmeginden başga ýagdaýlarda tölegiň maksadyny anyklaşdyrmaly;

daşary ýurt pullaryny satmagy amala aşyrmak üçin nagt milli puly kabul edip puluň kanuny gelip çykyşyny tassyklaýan resminamany barlamaly;

nagt däl milli puluň gelip çykyşyny anyklamak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, nagt däl milli puluň kanuny gelip çykyşyny tassyklaýjy resminamasyny talap etmäge borçludyr.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank gözegçiligi, Pul dolanşygy we emissiýa-kassa amallary, şeýle hem Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar Müdirlikleriniň başlyklarynyň üstüne ýüklemeli.

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Merkezi banky
Aşgabat ş., Bitarap Türkmenistan şaýoly, 36
Tel.: 38-10-27, faks: 92-08-12

Учредитель – Центральный банк Туркменистана
ш.Ашхабад., пр. Битарап Туркменистан, 36
Тел.: 38-10-27, факс: 92-08-12